# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

**EDEBIÝAT**

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy – dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2017.

2. Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasy: parahatçylygyň we ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlygyň täze sepgitleri. "Türkmenistan" gazeti, 07.01.2013.

3. *Gurbangeldiýew J*. Seniň ýaşyňda. "Nesil" gazeti, 15.01.2019.

4. Устав Организации Объединенных Наций 1945 г. – М., 1956.

5. *Rahmanow A*. Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy. – A.: TDNG, 2014.

6. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy. – A., 2022.

**Döwlet Bekdaşow,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty*

## ÖŇÜNI ALYŞ DIPLOMATIÝASY – PARAHATÇYLYGYŇ WE YNAMYŇ DAÝANJY

Türkmenistanyň daşary syýasaty binýatlaýyn esasda, ýagny bitaraplyk, parahatçylygy söýmek, hoşniýetli goňşuçylyk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine berk eýermek arkaly amala aşyrylýar. Şeýle syýasat biziň ýurdumyza hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklary ýola goýmaga, dürli ugurlar boýunça köpugurly gepleşikleri alyp barmaga, özara kabul ederlikli çözgütleri tapmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň iri halkara hökümetara guramalary bilen gatnaşyklary barada aýdylanda, onda onuň Birleşen Milletler Guramasy bilen örän ýakyndan amala aşyrylýan hyzmatdaşlygyny aýratyn belläp geçmek zerurdyr. Türkmenistanyň öz Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap, Birleşen Milletler Guramasyny özüniň strategik hyzmatdaşy hökmünde saýlap almagynyň esasynda Türkmenistanyň we BMG-niň uzakmöhletli maksatlarynyň biri-birine laýyk gelmegi ýatandyr. BMG-niň degişli düzgünine laýyklykda, Howpsuzlyk Geňeşi özüniň 1992-njy ýylyň 7-nji fewralyndaky 3050-nji mejlisinde Türkmenistany BMG-niň agzalygyna kabul etmek baradaky meselä seretdi we şol mesele boýunça özüniň 751-nji rezolýusiýasyny kabul etdi. Şeýlelikde, 1992-nji ýylyň 2-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 46-njy sessiýasynda ses berişligi geçirmezden, Türkmenistan BMG-niň agzalygyna kabul edildi. Halkara tejribesine esaslanyp gurama täze kabul edilen doly hukukly döwlet hökmünde Türkmenistanyň Prezidenti bu halkara hökümetara guramada öz hemişelik wekilini bellemek barada Permana gol çekdi. Şeýlelikde, 1992-nji ýylyň 13-nji martynda Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Amangeldi Rahmanow Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekili hökmünde BMG-niň Baş sekretaryna Hatyny gowşurdy.

Bu taryhy waka ýurdumyzyň parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek hem-de ählumumy durnukly ösüşi gazanmak babatynda giň halkara hyzmatdaşlygy ýola goýmaga ilkinji ädimleriň biri boldy.

BMG ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň esasy guraly bolmak bilen, ýüze çykýan dawalary, gapma-garşylyklary çözmekde iň ýokary halkara derejedir. BMG-niň Düzgünnamasy bolsa häzirki zaman dünýä düzgünleriniň binýady bolup durýar. Başgaça aýdylanda, häzirki döwürde BMG diňe bir iň wekilçilikli halkara düzümi bolman, eýsem ol global gatnaşyklaryň häzirki zaman ulgamynyň esasy daýanjydyr, dünýä giňişliginde parahatçylygy we bähbitleriň deňagramlylygyny saklamagyň, howpsuzlygyň häzirki gurluşynyň durnuklylygynyň kepili bolup durýandyr. Bitarap Türkmenistan tarapyndan alnyp barylýan içerki we daşary syýasat BMG-niň ileri tutulýan maksatlaryna we wezipelerine laýyk gelýär, şonuň üçin hem dünýäde iň uly we abraýly bu halkara hökümetara guramasy Türkmenistanyň esasy hyzmatdaşy bolup durýar.

Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň kabul edilmegi we onuň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe yzygiderli durmuşa geçirilmegi halkara giňişliginde ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli ugrunyň ösmegine giň şertleri döredýär. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adamzadyň durnukly ösüşine, oňyn syýasy, ykdysady, ynsanperwer ulgamlarda gatnaşyklaryň ösdürilmegine, dünýä giňişliginde ylalaşmak ýagdaýyny hem netijeli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen parahatçylyk söýujilikli başlangyçlary ýurdumyzyň halkara abraýyny has-da berkitmäge gönükdirilendir.

Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň Konsepsiýasynyň esasy maksatlarynyň biri hem halkara meselelerini çözmegiň köpçülikleýin başlangyçlaryna, halkara hukugynyň hökmürowanlygyna, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň düzgünlerine, şeýle hem halkara gatnaşyklaryny kadalaşdyýan esasy gurama hökmünde BMG-niň merkezi utgaşdyryjy ornunyň saklanylmagynda döwletleriň arasynda deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna esaslanýan adalatly we demokratik halkara ulgamyny kemala getirmek maksady bilen, halkara parahatçylygynyň, ählumumy howpsuzlygyň we durnuklylygynyň hemmetaraplaýyn pugatalandyrylmagyna gönükdirilen ugry işjeň ýagdaýda ilerletmek bolup durýar [4].

Soňky ýyllarda Türkmenistanyň BMG, onuň ulgamy bilen hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdi, ýylsaýyn geljegi uly bolan täze ugurlaryň peýda bolmagy bilen hyzmatdaşlygyň çägi hem giňeldi. Netijede, ýurdumyzyň BMG we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen özara hyzmatdaşlygy howpsuzlyk meselelerinden başlap, demokratik institutlary ösdürmäge, daşky gurşawy goramak meseleleri, gender syýasatyny ugurlary gurşap aldy.

2023-nji ýylyň 5-nji dekabrynda geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň (EKOSOS) nobatdaky mejlisinde Türkmenistanyň biragyzdan BMG-niň 2024–2028-nji ýyllar üçin Ilat we ösüş komissiýasynyň agzalygyna saýlanylmagy durnukly ösüşiň global meselelerini çözmekde hormatly Prezidentimiziň halkara başlangyçlarynyň möhüm ähmiýetini ýene-de bir gezek tassyklaýar. Ýurdumyzyň BMG-niň esasy ykdysady düzüminde agzalygy adamlaryň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, durmuş-ykdysady ösüşde we toplumlaýyn özgertmeleri amala aşyrmakda biziň toplan tejribämizi nazara almak bilen, häzirki döwrüň möhüm meselelerini çözmekde netijeliligi ýokarlandyrmaga gönükdirilen maslahatlary işläp taýýarlamaga ýardam eder [5].

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy sebitde howpsuzlygy we durnuklylygy saklamaga, ony durnukly ösdürmegiň maksatnamalaýyn wezipelerini amala aşyrmaga gönükdirilen täze netijeli çemeleşmeleri işläp taýýarlamaga ýardam berýär. Bu babatda öňüni alyş diplomatiýasy dünýäde howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmekde iňňän netijeli syýasy gural bolup hyzmat edýär. 2007-nji ýylyň dekabr aýynda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit Merkeziniň ştab-kwartirasyny ýerleşdirmek üçin türkmen paýtagty Aşgabat şäheriniň saýlanyp alynmagy hem ýurdumyzyň sebit hem-de dünýä möçberinde parahatçylygy, howpsuzlygy we abadançylygy üpjün etmegiň bähbidine oňyn halkara gatnaşyklaryna elmydama ygrarlydygyny ýene-de iş ýüzünde tassyklady.

BMG Türkmenistany ynamdar we jogapkärçilikli hyzmatdaş hökmünde görýär. Munuň özi häzirki zaman dünýäsiniň derwaýys meseleleriniň çözgütlerini gözläp tapmak boýunça halkara gepleşiklerinde işjeň orny eýeleýän, ýurduň oňyn içeri we daşary syýasaty bilen şertlendirilendir. Şu jähetden BMG-niň Baş Assambleýasynyň işine Türkmenistanyň işjeň gatnaşýandygyny, munuň bolsa ýurdumyza Baş Assambleýanyň 58-nji, 62-nji, 64-nji, 68-nji, 71-nji, 75-nji we 77-nji maslahatlarynyň wise-başlyklygyna saýlanylmagyna mümkinçilik berendigini belläp geçmek gerek.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň BMG bilen strategik häsiýete eýe bolan hyzmatdaşlygy täze ösüşe we mazmuna eýe bolýar. Bu ozaly bilen dünýä bileleşiginiň işlerinde Türkmenistanyň işjeň ornunyň, onuň häzirki zamanyň möhüm meseleleriniň çözülmegine hakyky ýardam bermek islegi bilen şertlendirilýär. Bu babatda hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasyna gatnaşmagynyň we döredijilikli başlangyçlar bilen çykyş etmeginiň möhüm ähmiýeti bar.

Hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji mejlisinde eden taryhy çykyşynda sebitde we dünýäde ählumumy we hemmetaraplaýyn howpsuzlygy gazanmak, howa we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça dünýä bileleşiginiň tagallalaryny utgaşdyrmak, şeýle-de ulag babatda Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak boýunça işleri dowam etdirmeklik boýunça başlangyçlary öňe sürdi.

Hormatly Prezidentimiz öz çykyşynda: “Köpsanly sebäplere görä, häzirki zaman dünýäsi örän düýpli wehimleriň birnäçesi bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Ýüze çykmagynyň aýratynlyklary esasynda olaryň ählisi döwletara gatnaşyklaryň barşyna azda-kände täsir edýär. Ählumumy gün tertibiniň esasy ugurlary boýunça ylalaşylan ösüş meýilnamalarynyň hem-de maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmegine ýygy-ýygydan ýaramaz täsirini ýetirýär. Bu bolsa, öz gezeginde, Birleşen Milletler Guramasynyň esasy işi hökmünde ählumumy howpsuzlygyň düýpli sütünleriniň weýran bolmagyna getirip biler. Muňa, elbetde, ýol bermek bolmaz. Şundan ugur alyp, Türkmenistan köp ýyllaryň dowamynda howpsuzlygyň bölünmezligi we bitewüligi, onuň dürli ugurlarynyň biri-birinden aýrylmazlygy ýörelgesini berk we durnukly goraýar. Biz harby we syýasy howpsuzlyga ykdysady, ekologik, tehnogen, energetika, ulag, azyk, biologik, maglumat howpsuzlygyndan aýrylykda seredip bolmajakdygyna ynanýarys. Sanalyp geçilen ugurlaryň hiç biri ikinji derejeli ýa-da möhüm däl bolup bilmez, olary çözmegi bolsa has giçki möhlete goýup bolmaz” diýip belläp geçdi [1].

Halkara gatnaşyklarda durnuklylygy üpjün etmek, parahatçylyk we ynanyşmak medeniýetini pugtalandyrmak Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynda möhüm ugur bolup durýar. Ýurdumyz bu ugurda yzygiderli çäreleri durmuşa geçirmek bilen, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek, umumydünýä wehimlerine netijeli garşy durmak boýunça tagallalary birleşdirmek işinde Bitaraplygyň gurallaryndan we mümkinçiliklerinden işjeň peýdalanmagy teklip edýär. Şunda ýurdumyzyň daşary syýasatynyň binýady hökmünde Bitaraplygy saýlap almakda türkmen halkynyň baý taryhy tejribesiniň möhüm ähmiýete eýe bolandygyny bellemek gerek. Parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, birek-birege hormat goýmak, dostluk, açyklyk hemişe halkymyzyň özboluşlylygynyň esasyny düzüpdi.

Häzirki döwrüň ýagdaýlary bilen baglylykda, türkmen Bitaraplygynyň möhüm orny hem-de onuň mümkinçilikleriniň zerurdygy ýene-de bir gezek tassyklanylýar. Parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparynyň döredilmegi munuň aýdyň mysallarynyň biridir. Bu topar ýurdumyzyň başlangyjy boýunça BMG-niň binýadynda döredildi we ol sebit hem-de ählumumy hyzmatdaşlygyň dürli meseleleri boýunça netijeli pikir alyşmak üçin açyk meýdança öwrüler.

Häzirki wagtda Bitaraplygyň dostlarynyň toparyna 20-den gowrak döwlet goşuldy. Şolaryň hatarynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji we 2015-nji ýyllarda kabul edilen “Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy”, degişlilikde, 2017-nji we 2020-nji ýyllarda kabul edilen “Halkara Bitaraplyk güni” hem-de “Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy saklamakda we pugtalandyrmakda hem-de durnukly ösüş işinde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti” atly Kararnamalarynyň awtordaşlary bolan ýurtlar bar.

Türkmenistanyň teklibi boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2021-nji ýyl “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” şol sanda 2023-nji

ýyly “Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly” diýlip yglan edilmegi ýurdumyzyň sebit we halkara hyzmatdaşlyk meselelerine jogapkärli çemeleşýändiginiň, häzirki döwrüň wajyp wezipelerini işläp taýýarlamak boýunça tagallalary utgaşdyrmaga uly goşant goşýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistan möhüm halkara başlangyçlary, şol sanda, ulag-kommunikasiýa we energetika ulgamynda düzümleýin taslamalary durmuşa geçirmek boýunça başlangyçlary yzygiderli öňe sürmek bilen, ählumumy ösüşiň häzirki zaman meýillerine laýyk gelýän täze geoykdysady hyzmatdaşlyk giňişliginiň kemala getirilmegine özüniň saldamly goşandyny goşýar.

2023-nji ýylyň 19-njy dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy 78-nji mejlisiň 48-nji umumy mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen iki Kararnama: “Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin ulaglaryň ähli görnüşleriniň arasyndaky arabaglanyşyklary berkitmek” we “Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny”. Ulag pudagyndaky hyzmatdaşlyk baradaky resminama 2026–2035-nji ýyllary durnukly ulag onýyllygy hökmünde yglan edýär. Rezolýusiýanyň awtorlary BMG-niň Baş sekretaryny bu ugurda halkara dialog tejribesini dowam etdirmäge we BMG-niň Durnukly ulag boýunça üçünji global maslahatyny çagyrmagy teklip edýärler. Resminama görä, 2024-nji ýylyň noýabr aýynda Bütindünýä durnukly ulag gününiň çäginde esasy wakalar Türkmenistanda geçirilmegi hem göz öňünde tutulýar [6].

Energetika baglanyşygy baradaky resminama halkara jemgyýetçiliginiň dünýä ykdysadyýetinde ýüze çykýan energiýa çökgünligini ýeňip geçmek ugrundaky tagallalarynyň jemlenmegini üpjün edýär we energiýa çeşmeleriniň serhedara üpjünçiliginiň ygtybarlylygyny we durnuklylygyny üpjün etmegi talap edýär. Bu resminama laýyklykda, hemmeler üçin ygtybarly, durnukly we döwrebap energiýa elýeterliligini üpjün etmek üçin Durnukly ösüş maksatlaryna hemmetaraplaýyn ýetmegi maksat edinýän 2026-njy ýylda Türkmenistanda “Hemmeler üçin durnukly energiýa” atly 7-nji forumy geçirmek teklip edilýär. Şeýle hem Kararnama BMG-niň Baş sekretarynyň 2024-nji ýylyň sentýabryna çenli energetika meselelerine gönükdirilen ösüş meseleleri boýunça indiki hasabatyny çap etmegi teklip edýär [3].

Bu köptaraply dialogyň çäklerinde duşuşyklaryň yzygiderli geçirilmegi halkara gatnaşyklarda Bitaraplyk ýörelgelerini ilerletmek, ählumumy abadançylygyň bähbidine netijeli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak üçin durnukly syýasy-diplomatik guraly işläp taýýarlamaga ýardam edýär.

Bitarap Türkmenistan BMG-niň we beýleki abraýly halkara düzümleriň çäklerinde bu ugurda umumy tagallalary utgaşdyrmak işlerinde işjeň orny eýelemek bilen, oňyn başlangyçlary öňe sürüp, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bilelikde iri düzümleýin taslamalary durmuşa geçirýär. Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 2014-nji, 2015-nji, 2017-nji we 2021-nji ýyllarda ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlyga täze itergi bermäge gönükdirilen degişli Kararnamalaryň kabul edilendigini bellemek möhümdir.

Türkmenistan özüniň daşary syýasatynyň we halkara hyzmatdaşlygynyň aýrylmaz bölegi hökmünde energetika ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlygyny giňden ösdürýär. Ýurdumyzyň dünýäde energiýa howpsuzlygyny ygtybarly üpjün etmäge gönükdirilen hyzmatdaşlygy we möhüm başlangyçlary halkara bileleşigi tarapyndan giňden goldanylýar we iş ýüzünde öz beýanyny tapýar. Muňa BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda we 2013-nji ýylyň 17-nji maýynda Baş Assambleýa tarapyndan kabul edilen "Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny" atly Rezolýusiýalarynyň kabul edilmegi aýdyňlygy bilen subut edýär. Şeýle-de giň ykdysady diwersifikasiýa maksatnamasyny amala aşyrýan Türkmenistan tebigy baýlyklaryny dünýä bazaryna çykarmakda hem köpugurly taslamalary üstünlikli durmuşa geçirýär [2].

Şeýlelik bilen, Türkmenistan şu günki gün BMG bilen hyzmatdaşlyk meselesinde işjeň orun eýeleýär we onuň netijeli häsiýeti yzygiderli artýar. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň geriminiň artmagy hem subut edýär. Türkmenistanyň halkara gatnaşyklary ulgamyna netijeli gatnaşmagy, bütin adamzady tolgundyrýan, ilkinji nobatda, ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak we berkitmek, köpugurly ulag-üstaşyr düzümlerini döretmek, ekologiýa abadançylygyny gorap saklamak we energiýa howpsuzlygyny hem-de durnukly ösüşi üpjün etmek ugurlaryndaky meseleleriň çözülmegine gönükdirilen daşary syýasat ugry giň ölçegli ädimlerde öz amaly beýanyny tapýar.

## EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda eden çykyşy. Nýu-Ýork şäheri, 19.09.2023.

2. *Serdar Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň energetika we ykdysady howpsuzlygy. – A., 2017.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: TDNG, 2018.

4. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy. – A., 2022.

5. *Rahmanow A*. Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy. – A., 2014.

6. Выступление главы делегации Туркменистана А. Рахманова на 46-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН. "Туркменская искра", 03.03.1992.

7. Устав Организации Объединенных Наций 1945 г. – М., 1956.

8. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 68-nji maslahatynda Türkmenistanyň ileri tutulýan garaýyşlary hakynda. "Türkmenistan" gazeti, 18.09.2013.